# Tekepbirlik hakda / rowaýat

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Tekepbirlik hakda / rowaýat TEKEPBIRLIK HAKDA

Gadym zamanalarda bir köp çagaly pukara maşgala halys garyp düşüp, il-güninň sadakasyna mätäç bolupdyr. Maşgalabaşy her gün Hudaýa ýalbaryp: “Eý, Allahym, bizi hem bir gün gallaçlykdan azat edip, bol-telki durmuşda ýaşatmasaňam, kesekä mätäçsiz, güzeranymy aýlar ýaly et! Maşgalam üçin onçakly kän harajat soramok. Men, aýalym we çagalarym bilen on iki baş. Hepdede her birirmiz bir dinarlyk owkatdan kän iýemzok, ýagny hepdede maşgalamyza on iki dinarlyk girdeji girip dursa, biz münde bir razy” diýip, dileg edipdir.
Günler-aýlar aýlanyp, ýyllar geçipdir, ýaňky garybyň bir düýesi—on, on düýesi—ýüz, ýüz düýesi—müň bolup köpelip, maly mülküne sygman, çygryndan çykypdyr. Ol tüçjar baýa öwrülipdir, oňa “Pylan baý” diýip ýüzlenipdirler. “Pylan baýyň” gep urşy batlanypdyr, ýöreýşi ekezlenipdir we öz ýanyndan: “Bu baýlygy çagalarym bilen gije-gündiz, ýadaman-ýaltanman gara zähmedimiz bilen gazandyk. Keseden gelip bize ýardam beren ýokdur. Indi şu jelagaýda menden baý adam ýok. Bu derejä öz gujur-gaýratym bilen ýetdim” diýip, dyzyna çöküp, boýnuny burup, gözýaş bilen dileg eden günlerini gedemlik we tekepbirlik bilen terk eýläpdir.
Dowarlarynyň sanawyny we altyn-kümüşiniň agramyny doly bilmeýän baý, donuny şylhasy çykýança göteripdir we baý adamlara mahsus aýna gonçly ädik geýmän, çaryk-çokaý bilen we ýeke alaşasy bilen mydar eder ekeni. Bu “tygşytly ýaşaýyş” düzgüni maşgalaň beýleki agzalaryna-da zabun ekeni.
Günüň bereketli nurynyň we Tebigatyň üznüksiz eçilýän ýagmyr-ýagyşynyň sebäbi bilen döreýän maýsa-bossanlyklaryň mal-mülküniň köpelmeginiň gös-göni sebäpkäridigine düşünmeýän nadan baý, birje gezek hem hüşr-zekadyny bermändir. Haýyr-sahawat barada ýatladýanlara bolsa: “Artyk-süýşük malym ýok, özümizem bütin maşgala bolup, hepdede on iki dinardan kän

iýemzok.” diýip, sadaka berlen bir malyň öwezine on malyň gaýdyp gelýänine ynanmaýan husyt, äsgermezlik bilen jogap gaýtarypdyr.
Tekepbir baý we onuň maşgalasy ömürleriniň ahyryna çenli, diläp alan hepdede on iki dinaryndan kän harç edip bilmän ötüpdirler.
.

Kakajan BALKANOW.

2020 ý. Halk döredijiligi we rowaýatlar